TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ MILLI BILIM INSTITUTY

# INFORMATIKA 7

Türkmenistanyň orta mekdepleriniň VII synplary üçin interaktiw-multimedia elektron gollanmasy

AŞGABAT 2014

# Web-sahypa,
# web-saýt
# we saýtyň salgysy
# barada düşünje

Internet torunyň informasion resurslaryndan peýdalanmak we olary görmek ***brauzerler*** *(browse-gözden geçirmek)* ýa-da ***web-synçylar*** diýip atlandyrylýan programmalaryň kömegi bilen amala aşyrylýar. Has meşhur brauzerler: ***Microsoft Internet Explorer, Opera, Mozilla Firefox, Netscape Communicator*** brauzerleridir.

*Bütindünýä informasion kerebi* ***(WWW)*** internet torunyň dürli hyzmatlaryny birikdirmek we tordaky informasiýa resurslaryna girmek mümkinçiliklerini giňeltmek zerurlygy esasynda döredi.

**WWW** gullugynyň işleýän resminamalary gipertekst informasiýalaryny özünde saklaýar.

Gipersalgylanmalar tekst we surat görnüşinde bolup biler




Gipertekstli resminamalar döredilende, ýörite **HTML** *(Hyper Text Markup Language-gipertekstiň bellik etme dili)* dili ulanylýar. Adaty HTML resminamalar **.html** ýa-da .html giňeltmelere eýedir.

Bütindünýä kerebinde ýerleşdirilen gipertekstli resminama **web-sahypa** diýip atlandyrylýar. Her bir web-sahypanyň öz salgysy bolup, ony brauzeriň kömegi bilen görmek bolýar

Umumy maksatlar we mazmun taýdan birleşen web-sahypalaryň gipersalgylanmalary bilen baglanyşykly toparyna **web-saýt** ýa-da ýöne **saýt** diýilýär.

Web-sahypalary tor boýunça geçirmegiň düzgüni we olary kompýuteriň ekranynda görmek **HTTP** *(Hyper Text Transfer Protocol)* gipertekst geçirme protokolynda kesgitlenilýär. HTTP protokolynyň kömegi bilen islendik informasiýalar ***(grafika, saz we wideo)*** iberilip bilner.

Gipersalgylanmany görmek üçin, köplenç ýagdaýlarda onuň üstüne syçanyň gökezijisini getirmek we ýagdaýlar setirinden salgysyny okamak ýeterlikdir. Salgynyň üstüne syçanyň sag gulagyny basyp, kontekst menýudan ***Свойства*** bölümini saýlamak arkaly, has anyk informasiýalary almak bolar. Netijede, talap edilýän informasiýalary saklaýan penjire açylar.

Web-saýtyň sahypalary ýörite programma üpjünçiligi bolan we ***web-serwer*** diýip atlandyrylýan kompýuterde saklanylýar.

Saýtyň beýleki web-sahypalaryna salgylanmany özünde saklaýan baş sahypasy bardyr. Olara geçmek üçin, saýtyň baş sahypasynyň salgysyny bilmek ýeterlikdir. Şonuň üçin hem onuň web-serwerdäki baş sahypasynyň salgysyny saýtyň salgysy diýip hasaplaýarlar.

Düzgün bolşy ýaly, saýtyň salgysyny ýazmaklyk **WWW** gullugyny görkezmekden başlanýar. Onuň yzyndan arasy **nokat** bilen bölünen **simwollaryň topary** *(sözler)* getirilýär. Salgy onuň ýerleşýän döwletini ýa-da degişli guramasyny görkezmek bilen tamamlanýar *(tm- Türkmenistan, ru-Russiýa, ua-Ukraina, pl-Polşa, fr-Fransiýa, org-gurama, edu-bilim, com-söwda saýty)*. Meselem:

*www.mail.ru,*

*www.yandex.ru,*

*www.rambler.ru.*

Web-saýtyň salgysy hökmany belgili protokol ady bilen gelip biler*:// (http://).* Salgy anyk resminama, faýla, papka ýoly özünde saklap biler.

Meselem:

*http://www.turkmenistan.gov.tm/_tmt/*

# World Wide Web




Her bir Web-saýtyň öz baş sahypasy bolup oňa başgaça öý sahypasy hem diýilýär (Home page).

# Sapagyň ahyrynda…



Belki Siz geljekde online –da öz saýtyňyzy dörederersiňiz.

Azrak tölege Saýtlaryň konstruktorynyň kömegi bilen saýt döredip bolar.

Amatly we arzanraklarynyň biriniň salgysy:

http://www.webstolica.ru/pages.php

Dörediň, belki-de Siz eýýäm ertir bizi öz saýtyňyza myhmançylyga çagyrarsyzňyz.

*Internet sahypalarynda görüşýänçäk sag boluň!*

# Interaktiw-multimedia elektron gollanmanyň awtorlary:

**Saryýew Döwran**
**Ataýew Kakageldi**
**Garýagdyýew Oraz**